# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
# K A R A R Y

«01» awgust 2023 ý. № 660 Aşgabat ş.

## Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň meseleleri hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2023 ý., № 8, 502-nji madda)

«Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligini hem-de Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 14-nji iýulynda çykaran 240-njy Permanyny ýerine ýetirmek, şeýle hem Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň işini talabalaýyk ýola goýmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň merkezi edarasynyň gurluşyny;

2) Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýolbaşçylarynyň aýlyk zähmet haklarynyň möçberini;

3) Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi hakyndaky Düzgünnamany.

2. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň merkezi edarasynyň işgär sanyny 53 birlik möçberde bellemeli (hyzmat edýän işgärler muňa girmeýär).

3. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň merkezi edarasyny saklamak bilen bagly çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

4. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetine girizmeli.

5. Öz işini bes eden Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine we onuň garamagyndaky edara-kärhanalara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen ýeňillikleri degişliligi boýunça Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligine hem-de onuň garamagyndaky edara-kärhanalara degişli etmeli.

6. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligini Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 92-nji salgysynda ýerleşdirmeli.

7. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

8. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministri, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 01-nji awgustynda
çykaran 660-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýolbaşçylarynyň aýlyk zähmet haklarynyň**
**MÖÇBERI**

(manat)

| | |
|---|---|
| Ministr | 7 100 |
| Ministriň orunbasary | 5 600 |
| Müdirligiň, esasy bölümiň başlygy | 4 850 |

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 01-nji awgustynda
çykaran 660-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň merkezi edarasynyň**
**GURLUŞY**

Daşky gurşawy goramak müdirligi
Ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak müdirligi
Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy we taslamalary utgaşdyryjy müdirligi
Tokaý hojalygy müdirligi
Buhgalteriýa hasabaty we maliýe müdirligi
Gidrometeorologiýa bölümi
Maýa goýumlar we gurluşyk bölümi
Sanly tehnologiýalar, maglumat howpsuzlygy we ekologiýa habarlary bölümi
Işgärler bölümi

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 01-nji awgustynda

çykaran 660-njy karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

1. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatda döwlet syýasatyny alyp barýan ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy bolup durýar.

2. Ministrlik öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we şu Düzgünnamany goldanýar.

3. Ministrlik öz işini gös-göni we garamagyndaky edara-kärhanalaryň üsti bilen ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri we halkara guramalary bilen arkalaşykly amala aşyrýar.

4. Ministrlik öz işinde Türkmenistanyň Prezidentine we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hasabat berýär.

5. Ministrligiň esasy wezipeleri:

1) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatda döwlet maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanylmagyny üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak;

3) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatda maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmekde ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň işini utgaşdyrmak;

4) daşky gurşawy goramak, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak we gidrometeorologiýa işi babatda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, bu ugurdaky öňdebaryjy halkara tejribesini öwrenmek, jemlemek we ýaýratmak;

5) Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa baradaky çözgütlerini durmuşa geçirmek;

6) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek barada teklipleri işläp taýýarlamak hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermek;

7) ylmyň gazananlaryny, täze tehnikalary we innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmagy amala aşyrmak boýunça işleri geçirmek;

8) zähmeti goramak boýunça işi utgaşdyrmak, howpsuz we kadaly zähmet şertleriniň döredilmegine hem-de berjaý edilmegine gözegçilik etmek;

9) Ministrligiň garamagyndaky edara-kärhanalarda tapgyrlaýyn özgertmeleri amala aşyrmak;

10) pudagy ösdürmek boýunça maýa goýum maksatnamalaryny, şol sanda daşary ýurtly maýadarlary çekmek bilen bagly çäreleri işläp taýýarlamak we maýa goýum maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

11) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa babatynda özgertmeleri geçirmäge guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek hem-de bu işleri utgaşdyrmak, öňdebaryjy önüm öndürijileriň tejribesini ýaýratmak we olara maslahat beriş kömegini etmek;

12) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa boýunça alnyp barylýan işler barada maglumatlary jemlemek, seljermek, umumylaşdyrmak hem-de maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

13) garamagyndaky edara-kärhanalarda düzgün-nyzamyň berk berjaý edilmegini üpjün etmek, bar bolan önümçilik-ykdysady mümkinçilikleri netijeli peýdalanmak, öndürilýän önümleriň, edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, önümleriň özüne düşýän gymmatyny peseltmek we olaryň düşewüntliligini ýokarlandyrmak boýunça işi utgaşdyrmak;

14) önümçiligiň ösüş depginlerini ýokarlandyrmak, önümçilik kärhanalaryny döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrmak we önüm öndürmekde ulanylýan çig-mal serişdeleriniň tygşytly peýdalanylmagyna gözegçilik etmek;

15) düýpli maýa goýumlaryny rejeli peýdalanmak we olaryň netijeliligini ýokarlandyrmak, gurluşygyň gymmatyny peseltmek hem-de möhletlerini gysgaltmak, şeýle hem önümçilik kuwwatlyklaryny wagtynda işe girizmegi we bellenen möhletlerde özleşdirmegi üpjün etmek;

16) garamagyndaky edara-kärhanalaryň gazanýan girdejilerini artdyrmak, esasy gaznalary, dolanyşyk serişdelerini we bank karzlaryny netijeli ulanmak hem-de ätiýaçlyk gorlaryny ýüze çykarmak we peýdalanmak baradaky toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlamak we amala aşyrmak;

17) ekologiýa ulgamlarynyň goralyşyna, ýerleriň, ýerüsti we ýerasty suwlaryň, Hazar deňziniň türkmen bölegininiň deňiz gurşawynyň we kenarýaka zolagynyň hapalanmagynyň öňüniň alnyşyna, tebigy serişdeleriň ulanylyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

18) daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik etmegiň döwlet ulgamyny, şol sanda bu babatdaky kanunçylygy we ykdysady usullary kämilleşdirmek, daşky gurşawy goramak boýunça maglumat beriş ulgamyny ösdürmek;

19) ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny, jemgyýetçilik birleşiklerini we ilaty gidrometeorologiýa baradaky, şeýle hem Gün işjeňligi hakyndaky habar-maglumatlar bilen üpjün etmek;

20) öri meýdanlarynyň, oba hojalyk ekinleriniň esasy görnüşleriniň hasyllylygynyň ýagdaýyny hasaba almak bilen, gidrometeorologiýa ýagdaýlarynyň, suwlulygyň, oba hojalyk ekinleriniň ekişi üçin amatly döwürleriň çaklamalaryny düzmek we şol maglumatlar bilen döwlet edaralaryny hem-de jemgyýetçilik birleşiklerini üpjün etmek;

21) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda, gidrometeorologiýa işi babatda arkalaşykly hereket etmek we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy amala aşyrmak, şol sanda tebigy betbagtçylyklar bolan ýagdaýynda habar-maglumatlary, gidrometeorologiýa gözegçilikleriniň ýeke-täk usulyýetini hem-de olar baradaky maglumatlary toplamagyň we ýaýratmagyň ylalaşylan tehnologiýasyny yzygiderli alyşmak;

22) halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek we Bütindünýä Meteorologiýa guramasy bilen arkalaşykly işlemek;

23) tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça işi ygtyýarlylandyrmak;

24) sanly ulgamy ösdürmek boýunça degişli işleri amala aşyrmak;

25) Ministrlikde we garamagyndaky edara-kärhanalarda awtomatlaşdyrylan elektron maglumat binýadynyň ulgamyny döretmek;

26) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki wezipeleri amala aşyrmak bolup durýar.

6. Ministrlik öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda şu işleri ýerine ýetirýär:

1) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa işi babatda maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmekde ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalaryň we guramalaryň işini utgaşdyrýar;

3) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa babatda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, bu ugurdaky öňdebaryjy halkara tejribesini öwrenmek, jemlemek we ýaýratmak boýunça işleri amala aşyrýar;

4) Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa baradaky çözgütlerini durmuşa geçirýär;

5) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek barada teklipleri işläp taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berýär;

6) Türkmenistany durmuş-ykdysadytaýdan ösdürmegiň çaklamalarynyň we maksatnamalarynyň taslamalaryna goşmak üçin, daşky gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak, gidrometeorologiýa meseleleri boýunça teklipleri işläp taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär;

7) daşky gurşawy goramak, şol sanda atmosfera howasyny, ozon gatlagyny goramak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek we gidrometeorologiýa babatda döwlet maksatnamalarynyň hem-de beýleki maksatnamalaýyn resminamalaryň işlenip taýýarlanmagyny we ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

8) daşky gurşawy goramak we gidrometeorologiýa babatda ylmy-barlag işleriniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitleýär, garamagyndaky ylmy-barlag

edaralarynyň işini guraýar, ylmy taýdan işläp taýýarlamalary, şol sanda daşary ýurt döwletleriniň öňdebaryjy tejribelerini önümçilige giňden ornaşdyrmak boýunça çäreleri görýär;

9) daşky gurşawy goramak babatda kanunçylygyň talaplarynyň bozulmalary netijesinde ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak boýunça hak isleglerini bildirýär;

10) daşky gurşawy, şol sanda ozon gatlagyny goramak hem-de gidrometeorologiýa babatda halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar;

11) işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalary (döwlet standartlaryny, tehniki şertleri, tehnologiki gözükdirijileri) işläp taýýarlaýar;

12) garamagyndaky edara-kärhanalar üçin ätiýaçlyk şaýlaryny, maddy-önümçilik we himiki serişdeleri satyn almak işlerini guraýar;

13) garamagyndaky edara-kärhanalarda tehniki hem-de ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik edýär we bu ugurda degişli çäreleri işläp taýýarlaýar;

14) ýerine ýetirilýän işleriň, edilýän hyzmatlaryň bahalarynyň ykdysady taýdan esaslandyrylmagyny üpjün edýär hem-de garamagyndaky edara-kärhanalarda döwlet nyrh düzgün-nyzamynyň berjaý edilişine gözegçilik edýär;

15) garamagyndaky edara-kärhanalaryň gazanýan girdejilerini artdyrmak, esasy gaznalary, dolanyşyk serişdelerini we bank karzlaryny netijeli ulanmak hem-de ätiýaçlyk gorlaryny ýüze çykarmak we peýdalanmak baradaky toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlaýar we amala aşyrýar;

16) garamagyndaky edara-kärhanalarda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gözegçilik-derňew işini guraýar hem-de pul serişdeleriniň, maddy gymmatlyklaryň abat saklanylyşyna we tygşytly ulanylyşyna barlaglary geçirýär, şeýle hem hasaba alşyň we hasabatlylygyň dogry ýöredilmegine hem-de ygtybarlylygyna gözegçilik edýär;

17) garamagyndaky edara-kärhanalaryň netijeli işlemegi, kömekçi hojalyklary ösdürmek, işgärleriň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak hem-de sagaldyş çärelerini geçirmek üçin zerur şertleri döredýär;

18) Birleşen Milletler Guramasy we beýleki halkara guramalary bilen alnyp barylýan daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy we bilelikde ýerine ýetirilýän halkara taslamalaryň işlerini alyp barýar;

19) daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça Türkmenistan halkara şertnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça işleri alyp barýar;

20) daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça halkara guramalary we gaznalary bilen hyzmatdaşlygyň esasynda taslamalary işläp taýýarlamak we ýerine ýetirmek boýunça işleri amala aşyrýar;

21) Halkara ekologiýa maksatnamalaryny we taslamalary durmuşa geçirmek üçin ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýýar;

22) daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn halkara şertnamalarynyň işlenip taýýarlanmagyna gatnaşýar;

23) daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Türkmenistan bilen daşary ýurt döwletleriniň hökümetara toparlarynyň mejlislerine gatnaşýar;

24) Türkmenistanda we daşary ýurtlarda daşky gurşawy goramak meselelerine bagyşlanan halkara we sebitleýin çäreleriň guralmagyna we geçirilmegine gatnaşýar;

25) daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça we Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Pudagara toparlaryň işlerini utgaşdyrýar;

26) Türkmenistanyň tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatdaky kanunçylygynyň ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

27) ekologik ulgamlaryň goralyşyna, ýerleriň, ýerüsti we ýerasty suwlaryň, Hazar deňziniň türkmen böleginiň deňiz gurşawynyň we onuň kenarýaka zolagynyň hapalanmagynyň öňüniň alnyşyna, tebigy serişdeleriň ulanylyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

28) atmosfera howasynyň goralyşyna we hapalanmagynyň öňüniň alnyşyna, Ýeriň ozon gatlagynyň azalmagyna we parnik gazlarynyň zyňylmasynyň peselişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

29) ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň goralyşyna, gaýtadan dikeldilişine we rejeli peýdalanylyşyna, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşlerini goramak hakyndaky Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

30) tokaý gorunyň ýagdaýyna, onuň saklanylyşyna we goralyşyna, tokaýlaryň peýdalanylyşyna, gaýtadan dikeldilişine, tokaý köpeldilişine, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerlere we obýektlere döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

31) daşky gurşawa we tebigy serişdelere döwlet monitoringiniň ýöredilmegini girizmegiň tertibini belleýär we alnyp barylmagyny guraýar, bu işiň utgaşdyrylmagyny amala aşyrýar;

32) tebigy serişdelerden peýdalanylandygy, daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylandygy (dökülendigi) üçin hem-de galyndylaryň bellenen çäklendirilen möçberleriň çäklerinde we bellenen çäklendirilen möçberlerden ýokary çäklerde ýerleşdirilendigi üçin, şeýle hem ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy netijesinde ýa-da Türkmenistanyň tebigaty goramak babatda kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli, olar tarapyndan daşky gurşawa ýetirilen zyýan üçin temmileriň möçberlerini hasaplamak üçin tölegiň esaslandyrylan ykdysady kadalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

33) tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatda ylmy-barlaglaryň geçirilmegini üpjün edýär;

34) täze we durky täzelenen önümçilikleri, hojalyk we ýaşaýyş jaý desgalaryny kabul etmek boýunça döwlet we iş toparlaryna gatnaşýar;

35) ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň işi ilatyň janyna we saglygyna hem-de daşky gurşaw üçin howp döredýän ýagdaýlarynda olaryň işini togtatmak, bes etmek ýa-da ekologik taýdan zyýanly obýektleriň we önümçilikleriň işiniň ugruny üýtgetmek baradaky karary kabul etmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda resminamalary taýýarlaýar we berýär;

36) Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşlerini goşmak bilen, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden peýdalanmagyn mukdaryny kesgitleýär;

37) özüniň garamagyndaky aýratyn goralýan tebigy ýerlere ýolbaşçylygy amala aşyrýar, olary goramak we dikeltmek boýunça çäreleriň geçirilmegini üpjün edýär, şeýle hem ylmy barlaglaryň geçirilmegine ýolbaşçylygy amala aşyrýar, aýratyn goralýan tebigy ýerleri döretmek barada teklipleri taýýarlaýar we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär;

38) Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara şertnamalaryna laýyklykda düzgünleşdirilýän, düzüminde ozon dargadyjy we beýleki maddalary saklaýan maddalaryň we (ýa-da) önümleriň eksport we import edilmegine bir gezeklik rugsatnamalary berýär;

39) aw obýektlerini we ýerlerini kesgitleýär, aw möwsüminiň möhletlerini belleýär, awlanylýan haýwanlardan peýdalanmagyň rugsat edilen mukdaryny belleýär we bellenen tertipde rugsatnamalary berýär;

40) tebigaty goramagyň wagyz edilmeginiň guralmagyny, raýatlaryň ekologik bilimini we terbiýesini üpjün edýär;

41) ozon gatlagynyň goralyşyna, şol sanda ozon dargadyjy maddalaryň sarp edilişine döwlet gözegçiligini, şeýle hem ozon dargadyjy maddalary resirkulýasiýa etmek we galyndysyny gaýtadan işläp peýdalanmak maksady bilen, olary öz wagtynda ýygnamak we olaryň galan mukdaryny saklamak boýunça çäreleriň işlenip düzülişine we ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

42) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, telekeçi ýuridik şahslara hem-de hususy telekeçilere Türkmenistanyň ozon gatlagyny goramak hakynda kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny ýok etmek boýunça ýerine ýetirilmegi hökmany bolan teklipnamalary berýär;

43) aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň we beýleki obýektleriň ulanylmagy Türkmenistanyň ozon gatlagyny goramak hakynda kanunçylygyny bozmak bilen amala aşyrylýan bolsa, onda olaryň ulanylmagyny çäklendirmek ýa-da duruzmak hakynda kararlar kabul edýär;

44) aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň we beýleki obýektleriň işi we ulanylmagy ozon gatlagyny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň ençeme gezek ýa-da gödek bozulmalary bilen amala aşyrylýan bolsa, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, telekeçi ýuridik şahslaryň hem-de telekeçileriň işiniň bes edilmegi hakynda degişli döwlet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna tekliplerini we (ýa-da) kazyýete talaplaryny iberýär;

45) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, telekeçi ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan ozon dargadyjy maddalaryň sarp edilişiniň hasabyny

ýöretmegiň we ozon dargadyjy maddalar bilen iş alyp barmak boýunça hasabatlylygy amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär;

46) ozon dargadyjy maddalar dolanyşykdan gutarnykly çykarylýança olaryň Türkmenistanda galan mukdarynyň hasabyny ýöredýär;

47) Türkmenistanyň ekologiýa seljermesi hakynda kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň döwlet ekologiýa seljermesini guraýar we geçirýär;

48) ekologiýa seljermesi, galyndylar bilen iş salyşmak, tebigaty, atmosfera howasyny goramak hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

49) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ekologiýa seljermesi babatdaky kadalaşdyryjy resminamalary kabul edýär we tassyklamaga berýär;

50) ekologiýa seljermesiniň netijeleriniň esasynda daşky gurşawa we ilatyň saglygyna düýpli ýaramaz täsir edýän aýratyn ýagdaýda obýektleriň işini bes etmek, olary göçürmek ýa-da olaryň işiniň ugruny üýtgetmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine resminamalary berýär;

51) galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesi kesgitlenilýän ölçeg alamatlaryny (kriteriýalaryny) belleýär;

52) galyndylaryň emele gelmeginiň bellenilýän kadalaryny we galyndylaryň ýerleşdirilýän obýektlerini ylalaşýar;

53) galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberlerini (limitlerini) tassyklaýar;

54) galyndylary serhetüsti daşamaga rugsatnamany bellenilen tertipde berýär;

55) önümçilik we hojalyk işleriniň netijesinde emele gelýän galyndylaryň emele gelmeginiň kadalarynyň we galyndylary ýerleşdirmegiň çäklendirilen möçberleriniň taslamalaryny ylalaşýar;

56) galyndylaryň howplulyk pasportyny ylalaşýar;

57) zyňyndylaryň stasionar we hereketlenýän çeşmeleri tarapyndan atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň aňryçäk ýol berilýän kadalaryny tassyklaýar we görkezilen kadalaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

58) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna bellenen tertipde rugsatnamalary berýär, olara üýtgetmeleri we (ýa-da) goşmaçalary girizýär, atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylaryna rugsatnamalaryň hereket ediş möhletini wagtlaýyn togtadýar, dikeldýär, uzaldýar, olaryň hereketini bes edýär;

59) hapalaýjy maddalaryň sanawyny tassyklaýar we olar üçin atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň ýol berilýän kadalary bellenilýän, atmosfera howasyna täsir ediş obýektleriniň howplulyk klasyny kesgitleýär;

60) olar üçin atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň ýol berilýän kadalary bellenilmeýän, atmosfera howasyna täsir ediş obýektleriniň, şeýle hem atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň çeşmeleriniň sanawyny tassyklaýar;

61) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň hasaba alnyşyny amala aşyrmagyň tertibini belleýär;

62) atmosfera howasynyň ýagdaýyna monitoringi guraýar we geçirýär;

63) atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň we parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň tükellenilişini geçirmegiň tertibini belleýär;

64) ýuridik we fiziki şahslara atmosfera howasyny goramak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň taslamalaryny işläp taýýarlamaga, şeýle hem atmosfera howasyna hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň aňryçäk ýol berilýän kadalaryny, ekologiýa pasportlaryny işläp taýýarlamaga we daşky gurşawa täsirine baha bermäge ygtyýarnamalary berýär;

65) meýilleşdirilýän hojalyk we beýleki işiň Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplaryna laýyklygyny kesgitlemek maksady bilen, ekologiýa howpsuzlygynyň döwlet seljermesini geçirýär;

66) hojalyk we beýleki işi amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge bolan talaplaryň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

67) ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça, şol sanda hojalyk we beýleki işiň ekologiýa taýdan howply netijelerini ýok etmek boýunça çäreleri kesgitleýär;

68) degişli çäklere adatdan daşary ekologiýa ýagdaýynyň zonalary derejesiniň (statusynyň) berilmegi baradaky teklipleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär;

69) döwletiň ekologiýa howpsuzlygyna abanýan howplaryň döremeginiň ýokary töwekgelçiligi olar üçin kesgitlenen tebigy, tehnogen we tebigy-tehnogen obýektleriniň döwlet hasaba alnyşyny ýöredýär;

70) daşky gurşawyň hapalanmagynyň çeşmeleri bolup durýan we ekologiýa taýdan hökmany ätiýaçlandyrylmagyna degişli hojalyk we beýleki işiň obýektleriniň döwlet hasaba alnyşyny ýöredýär;

71) himiýa we nebit-himiýa önümçilikleriniň önümleriniň, maşyn gurluşyk we elektroenergetika senagatynyň harytlarynyň, hereketiň, işleriň we hyzmatlaryň anyk görnüşi boýunça ekologiýa howpsuzlyk sertifikatyny berýär;

72) ýerasty suwlaryny çykaryp almak üçin ulanyş guýularyny burawlamagy bellenilen tertipde ylalaşýar;

73) oba hojalyk ekinlerini akdyrylýan hapa suwlar bilen suwarmaga bellenilen tertipde netijenama berýär;

74) degişli edaralar bilen ylalaşyp bellenilen tertipde akdyrylýan hapa suwlary akdyrmak üçin suw obýektleriniň peýdalanylmagyna rugsatnama berýär;

75) suw obýektlerine hapalaýjy maddalaryň dökülmeginiň bellenilen aňryçäk ýol berilýän kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýär;

76) Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň, suw üpjünçilik çeşmeleriniň sanitar gorag zonalarynyň düzgüniniň berjaý edilişine, suw serişdeleriniň hapalanmagyny, egsilmegini duýdurmak we öňüni almak, olaryň

rejeli we tygşytly peýdalanylmagy boýunça çäreleriň kabul edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

77) daşky gurşawy goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda, Hazar deňziniň türkmen böleginiň akwatoriýasynda suwlaryň goralyşyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

78) senagat kärhanalarynda, deňiz gämilerinde we beýleki ýüzýän serişdelerinde, suw arassalaýjy we howa arassalaýjy desgalaryň we enjamlaryň tehniki işleýiş ýagdaýyna, kärhanalar tarapyndan suwdan ýörite peýdalanmagyň şertleriniň ýerine ýetirilişine, akdyrylýan hapa suwlary akdyrmagyň bellenilen tertibiniň we şertleriniň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

79) Hazar deňziniň türkmen bölegindе düýbüni çuňaldyş işleriniň ýerine ýetirilişine tebigaty goraýyş gözegçiligini amala aşyrýar;

80) döwletde ekologiýa ýagdaýyna, şol sanda Hazar deňziniň türkmen böleginiň akwatoriýalaryna nebitiň dökülmek ýagdaýyny ýüze çykarmak we daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň möçberini kesgitlemek boýunça monitoringi amala aşyrýar;

81) suwdan ýörite peýdalanmagyň şertlerini ylalaşýar;

82) pudagy ösdürmegiň esasy ugurlaryny işläp taýýarlaýar hem-de durmuşa geçirýär;

83) dünýä ölçeglerine laýyk gelýän önümleriň öndürilmegini üpjün edýän täze tehnikalaryň we innowasion tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagyny üpjün edýär;

84) çig mallary we materiallary tygşytly peýdalanmak hem-de düýpli gaýtadan işlemek, şeýle hem galyndysyz tehnologiýalary ornaşdyrmak baradaky toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlaýar we amala aşyrýar;

85) pudakda özgertmeleri geçirmegiň strategiýasyny işläp taýýarlaýar;

86) daşary ýurtly maýadarlaryň gatnaşmagynda bilelikdäki kärhanalary bellenen tertipde döredýär;

87) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky işlere garaýar;

88) oýlap tapyşlary we rasionalizatorçylyk teklipleri işläp taýýarlaýar we olary önümçilige ornaşdyrmak işlerini alyp barýar;

89) garamagyndaky edara-kärhanalary zerur bolan ylmy-tehniki maglumatlar we kadalaşdyryjy resminamalar bilen üpjün edýär;

90) Türkmenistanda daşky gurşawyň meseleleri boýunça halkara derejesinde geçirilýän sergileri, ylmy we okuw maslahatlaryny guraýar we olara gatnaşýar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin zerur bolan maglumatlary taýýarlaýar;

91) işgärleri taýýarlamagyň, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary hünär synagyndan geçirmegiň tertibini işläp taýýarlaýar we bu işleriň ýerine ýetirilişini guraýar;

92) raýatlaryň ýüztutmalaryna öz wagtynda garalmagyna gözegçilik edýär;

93) öz ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça garamagyndaky edara-kärhanalara we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryna usulyýet, geňeşdarlyk we guramaçylyk kömegini berýär;

94) daşky gurşawy goramak boýunça maýa goýum maksatnamalaryny, şol sanda daşary ýurtly maýadarlary çekmek bilen bagly çäreleri işläp taýýarlaýar we maýa goýum maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

95) potratçylyk işleriniň meýilnamalaryny işläp düzýär we olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

96) edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň tebigaty goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak babatdaky işini utgaşdyrýar;

97) ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň goralyşyna, gaýtadan dikeldilişine we rejeli peýdalanylyşyna, şeýle hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşlerini goramak hakyndaky kanunçylygyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

98) tokaý gorunyň ýagdaýyna, onuň saklanylyşyna we goralyşyna, tokaýlaryň netijeli peýdalanylyşyna, gaýtadan dikeldilişine, tokaý zolaklarynyň köpeldilişine, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerlere we obýektlere döwlet gözegçiligini amala aşyrýar;

99) daşky gurşawa we tebigy serişdelere döwlet tarapyndan gözegçilik etmegiň tertibini belleýär we onuň alnyp barylmagyny guraýar hem-de bu işi utgaşdyrýar;

100) tebigy serişdeleri hasaba alýar we olara baha berýär, döwlet tokaý kadastryny, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň kadastrlaryny ýöredýär, şeýle hem kanunçylyga laýyklykda ýer we suw serişdeleriniň, ýerasty baýlyklaryň, atmosfera howasynyň, parnik gazlarynyň döwlet kadastrlaryny we beýleki kadastrlary degişli döwlet edaralary bilen bilelikde işläp taýýarlamaga gatnaşýar;

101) tebigaty goramak babatda döwlet standartlarynyň işlenip taýýarlanmagyna bellenen tertipde gatnaşýar;

102) Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak boýunça halkara şertnamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrýar;

103) tebigy serişdelerden peýdalanylandygy, daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylandygy (dökülendigi) üçin hem-de galyndylaryň bellenen möçberleriň çäklerinde we ondan ýokary çäklerde ýerleşdirilendigi üçin, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslaryň hojalyk we beýleki işleri amala aşyrmagy netijesinde ýa-da tebigaty goramak babatdaky kanunçylygyň bozulmagy sebäpli, daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň möçberlerini hasaplamak boýunça esaslandyrylan ykdysady kadalary işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

104) tebigaty goramak we rejeli peýdalanmak babatda ylmy barlaglaryň geçirilmegini üpjün edýär;

105) daşky gurşawa ýetirilýän zelele baha bermek boýunça usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýar;

106) hökmany ekologiýa auditini geçirmek barada kararlary kabul edýär;

107) fiziki we ýuridik şahslaryň işi adamlaryň janyna we saglygyna hem-de daşky gurşawa howp döredýän ýagdaýlarynda, olaryň işini duruzmak, bes etmek ýa-da ekologiýa taýdan zyýanly obýektleriň we önümçilikleriň işiniň ugruny üýtgetmek baradaky karary kabul etmek üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli resminamalary taýýarlaýar we berýär;

108) kanunçylykda bellenen tertipde ösümlik we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň, şol sanda ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip gitmek howpy astynda durýan derejä degişli edilen görnüşleriniň, şeýle hem olaryň söwdasy ýa-da goralmagy Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýän görnüşleriniň ýurda getirilmeginiň we ýurtdan çykarylmagynyň tertibini kesgitleýär we olara rugsatnamalary berýär;

109) özüniň garamagyndaky aýratyn goralýan tebigy ýerlere ýolbaşçylygy amala aşyrýar we olary goramak we dikeltmek boýunça çäreleriň geçirilmegini üpjün edýär, şeýle hem ylmy-barlag işleriniň geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär we aýratyn goralýan tebigy ýerleri döretmek barada teklipleri taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berýär;

110) ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlarynyň binýadynda gidrometeorologik gözegçilikleriň mundan beýläk-de ösdürilmegini hem-de onuň ygtybarly işlemegini üpjün edýär;

111) atmosferanyň, ionosferanyň, ýerüsti suwlaryň (suw desgalarynyň), oba hojalyk ekinleriniň we öri meýdanlarynyň ýagdaýyna yzygiderli gözegçilik edýär;

112) gidrometeorologiýa üpjünçiligini we zerur bolan habar-maglumatlary ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, jemgyýetçilik birleşiklerine we ilata ýetirýär;

113) dahylly ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşyp:

a) dessin habar-maglumatlary, şol sanda tebigy we howply gidrometeorologiýa hadysalary hakyndaky habar-maglumatlary olara ýetirýär;

b) iri senagat, ulaglar we oba hojalyk desgalaryny gidrometeorologiýa taýdan üpjün etmegiň taslamalaryny hem-de olary ulanmagyň meýilnama-çyzgylaryny işläp taýýarlaýar;

114) gurulmagy meýilleşdirilýän oba hojalyk we senagat desgalaryna golaý ýerleşýän beketlerde geçirilýän gidrometeorologik gözegçilikleriň esasynda taýýarlanan maglumatlary şertnamalaýyn esasda berýär;

115) ýerine ýetirýän işleri, edýän hyzmatlary üçin bahalary (tarifleri) bellenen tertipde kesgitleýär (döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän bahalar muňa degişli däl);

116) döwlet gidrometeorologik maglumatlar gorunyň ýöredilmegini üpjün edýär;

117) ylmy-amaly, gidrometeorologik we agrometeorologik gollanmalary we ýyllyk maglumatlary taýýarlaýar hem-de çap edýär;

118) gözegçilik ulgamynda ölçegleriň häzirki zaman tehniki derejesini, bitewüligini we olaryň netijeleriniň deňeşdirmesini üpjün etmek boýunça metrologik kadalary we möçberleri standartlaşdyrmak, ornaşdyrmak baradaky işleri ýerine ýetirýär, şeýle hem ölçeg serişdeleriniň metrologik gözegçiligini amala aşyrýar;

119) ministrliklerde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda gidrometeorologik nokatlaryň guralyşyna, maglumatlaryň hasaba alnyşyna hem-de saklanyşyna, şeýle hem gidrometeorologik gözegçilikleriň we işleriň geçirilişi boýunça ulanylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

120) ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen gidrometeorologik üpjünçiligiň meseleleri boýunça arkalaşykly hereket etmegiň tertibini göz öňünde tutýan ikitaraplaýyn ylalaşyklary işläp taýýarlaýar we baglaşýar;

121) gidrometeorologiýa şertleriniň hakyky ýagdaýy we garaşylýan üýtgetmeleri hem-de olaryň zyýanly netijeleri baradaky degişli maglumatlar bilen eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralary, kärhanalary, guramalary, goranmak toplumyny we ilaty üpjün edýär;

122) tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça işi ygtyýarlylandyrýar;

123) garamagyndaky edara-kärhanalary bellenen tertipde döredýär, üýtgedip guraýar we ýatyrýar, olaryň tertipnamalaryny (düzgünnamalaryny) tassyklaýar;

124) Ministrlikde we garamagyndaky edara-kärhanalarda sanly ulgamy ösdürmek boýunça degişli işleri amala aşyrýar;

125) Ministrlikde we garamagyndaky edara-kärhanalarda awtomatlaşdyrylan elektron maglumat binýadynyň ulgamyny döredýär;

126) sanly tehnologiýalary ösdürmek boýunça çäreleri amala aşyrýar we maglumat howpsuzlygyny üpjün edýär;

127) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

7. Ministrligiň şulara hukugy bar:

1) kanunçylyga laýyklykda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hukuk namalaryny, şol sanda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge;

2) öz adyndan şertnamalary bellenen tertipde baglaşmaga;

3) öz wezipelerine degişli derwaýys meseleleri çözmek üçin ýokary derejeli hünärmenleri we bilermenleri şertnamalaýyn esasda işe çekmäge;

4) garamagyndaky edara-kärhanalardan döwlet hasabaty boýunça zerur hasabatlary, şeýle hem buhgalteriýa hasabatlaryny bellenen tertipde almaga;

5) Ministrligiň üstüne ýüklenen wezipeleri amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlaryň berilmegini ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan, pudaklaýyn tabynlygyna we eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan kärhanalardan, edaralardan we guramalardan bellenen tertipde soramaga hem-de almaga;

6) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň taýýarlaýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryna netijenamalary bermäge;

7) öz ygtyýarlygyna degişli meseleler boýunça kazyýetde tarap hökmünde çykyş etmäge;

8) degişli çözgütleri kabul etmek üçin öz ygtyýarlyklaryna girýän meseleler baradaky teklipleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermäge;

9) tebigaty goramak çäreleri alnyp barlanda gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän döwlet gözegçileriniň tapawutlandyryş nyşanlary bolan bir ülňüli ýörite egin-eşigi geýmegini, ýörite enjamlary (jürlewük, ala taýak, aragatnaşyk serişdeleri, ulag serişdelerinde tapawutlandyryjy yşyk) ulanmagyny üpjün etmäge;

10) tebigaty goramak çäreleri alnyp barlanda gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän döwlet gözegçileriniň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde gulluk ýaragyny saklamagyny, götermegini we aýratyn halatlarda ulanmagyny üpjün etmäge;

11) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tebigaty goramak babatda hem-de ýer kanunçylygyny bozujylary saklamaga, olaryň amala aşyran administratiw hukuk bozulmalary hakynda teswirnamalary düzmäge we olary administratiw jogapkärçiligine çekmäge;

12) ýygnalan tebigy önümleri ýerlemekden alnan serişdelerden bellenen tertipde peýdalanmaga.

8. Ministrlige Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan ministr ýolbaşçylyk edýär.

Ministlriň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan iki orunbasary bar.

9. Ministr:

1) Miriistrligiň işine ýolbaşçylyk edýär we onuň üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär;

2) Ministrligiň işine degişli meseleler boýunça çözgütleri özbaşdak kabul edýär;

3) Ministrligiň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklary guraýar;

4) öz orunbasarlarynyň hem-de Ministrligiň merkezi edarasynyň gurluş birlikleriniň ýolbaşçylarynyň arasynda wezipe borçlary paýlaýar, işiň tabşyrylan ugry üçin jogapkärçilik derejesini kesgitleýär;

5) Ministrligiň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işini utgaşdyrýar;

6) Ministrligiň merkezi edarasynyň wezipe sanawyny, gurluş birlikleri hakyndaky düzgünnamalary bellenen tertipde tassyklaýar;

7) Ministrligiň merkezi edarasynyň işgärlerini, garamagyndaky edara-kärhanalaryň ýolbaşçylaryny (kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan ýolbaşçylar muňa girmeýär) bellenen tertipde wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

8) Ministrligiň kabul edýän hukuk namalaryna, şol sanda kadalaşdyryjy hukuk namalaryna gol çekýär hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

9) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan görkezmeleri berýär hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

10) Ministrligiň garamagyndaky edara-kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň kanunçylyga garşy gelýän buýruklaryny ýatyrýar;

11) Ministrligiň merkezi edarasynyň işgärleri hem-de garamagyndaky edara-kärhanalaryň ýolbaşçylary babatda höweslendiriş we düzgün-nyzam temmi çärelerini bellenen tertipde ulanýar, şeýle hem aýratyn tapawutlanan işgärleri döwlet sylaglary bilen sylaglamaga bellenen tertipde hödürleýär;

12) Ministrligiň adyndan çykyş edýär, ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralarynda, beýleki edaralarda, kärhanalarda, guramalarda we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tabşyrmagy boýunça halkara guramalarynda onuň bähbitlerine wekilçilik edýär;

13) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

10. Ministrligiň merkezi edarasynyň gurluşy we işgär sany Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

11. Ministrligiň ýanynda Ylmy-tehniki geňeş döredilýär. Ylmy-tehniki geňeşiň düzümi we ol hakyndaky Düzgünnama Ministrlik tarapyndan tassyklanýar.

12. Ministrlik ýuridik şahsdyr, onuň aýrybaşgalanan emlägi, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen we öz ady ýazylan möhüri, möhürçeleri, resmi blanklary, şeýle hem Türkmenistanyň banklarynda hasaplaşyk, daşary ýurt pulundaky hem-de beýleki hasaplary bar.

13. Ministrligiň merkezi edarasyny saklamak bilen bagly çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

14. Ministrlikde buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýöredilýär.

15. Ministrlik Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda üýtgedilip guralýar we ýatyrylýar.